**Ylymlar güni mynasybetli "Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ylym, tehnika we innowasion tehnologiýalar" atly halkara ylmy maslahatyň geçirilýändigi barada**

# HABARNAMA

Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasy 2025-nji ýylyň 12–13-nji iýunynda Ylymlar güni mynasybetli Aşgabat şäherinde gibrid görnüşinde geçirilýän **"Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ylym, tehnika we innowasion tehnologiýalar"** atly halkara ylmy maslahata gatnaşmaga çagyrýar.

**Ylmy maslahatyň iş dilleri:** türkmen, iňlis we rus.

**Ylmy maslahatyň tematiki ugurlary:**

1. Nanotehnologiýalar, himiki tehnologiýalar, täze materiallary öwrenmek we energetika;
2. Biotehnologiýa, molekulýar biologiýa, oba hojalygy, ekologiýa we genetika;
3. Maglumat we aragatnaşyk ulgamlary, kompýuter tehnologiýalary;
4. Häzirki zaman lukmançylygy we derman serişdelerini öndürmek tehnologiýalary;
5. Innowasion ykdysadyýet;
6. Ynsanperwer ylymlar.

Ylmy maslahata gatnaşmaga isleg bildirýänler zerur maglumatlary tabşyrmak üçin **maslahata gatnaşmagyň şertlerini we nutuklaryň gyçgaça beýanlarynyň we annotasiýalaryň taýýarlanylyşyna bildirilýän talaplary** berjaý etmelidirler.

**Ylmy maslahata gatnaşmak üçin degişli resminamalar, nutuklaryň gyçgaça beýanlary we annotasiýalary 2025-nji ýylyň 31-nji martyna çenli kabul edilýär.**

Düzgünlere laýyk gelmeýän we bellenilen möhletden soň tabşyrylan işlere garalmaýar we olar çap edilmeýär.

**Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň salgysy:** Aşgabat şäheri, Bitarap Türkmenistan şaýoly, 15.

**Habarlaşmak üçin telefon belgileri:** +993 12 94-13-37.

**Halkara ylmy maslahatyň Guramaçylyk topary**